# Ýakyn Gündogar hakda eshatologik senariýa

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýakyn Gündogar hakda eshatologik senariýa ÝAKYN GÜNDOGAR HAKDA ESHATOLOGIK SENARIÝA




*Ýakyn Gündogardaky dartgynlylygyň barha möwjemegi hakdaky senarilerden birini gürrüň bermäge synanyşaýyn*

Günbatar Şeriada we Gündogar Ierusalimde palestin gozgalaňy başlar. «El Fetih» ýagdaýy gözegçilik astynda saklap bilmez. Ysraýylyň Gaza sektorynda hemmetaraplaýyn genosid edýändigini gören palestinalylar uçdantutma gozgalaň turzar. IDF Gaza sektorynda raýatlary öldürmegini dowam etdirer. Bütin dünýäde biragyzdan Ysraýylyň tarapyny tutýan günbatarly amerikan tarapdarlygyny edýän elitalara garşy protestler artar. «Hizbullah» wakalara goşular we Iordaniýadan gelen arap bosgunlary araçäkdäki germawlary aşar. ABŞ çaknyşyga gitdigiçe uludan girişen Eýrana we Ysraýyla garşy hüjümler gurnar. Siriýa uruşa girip, Golan depelerine çozar. Külli yslam dünýäsinde çakgan hereketlenmeler bolup geçer.

Amerikan tarapdarlygyny edýän Saud Arabystany, Birleşen Arap Emirlikleri we beýleki döwletler palestinalaryň tarapyny tutup çaknyşyga girmäge mejbur bolarlar. Päkistan, Türkiýe,

Indoneziýa hem olara goşular. Talibanyñ ýalan habarlar arkaly Ýakyn Gündogara ýollanma myş-myşa öwrüler. Horasanyñ gara baýdaklary dünýäniñ depesinde pasyrdar. Şaýylar bilen birlikde selefilerdir ýörelgeçileriñ arasyndaky düşünişmezlikler ýatdan çykar. Şeýdibem yslam dünýäsiniñ Günbatara we Ysraýyla garşy uly jihady başlar.
Russiýa bitarap pozisiýada durar, emma Ukrainada Günbatar bilen bile uruşýan Ysraýyly goldamakda haýal hereket eder we olam doly Ysraýyly goldar.
Gündogar Ierusalimdäki gozgalañyñ bir sepgidinde palestinalylar IDF-den goranmak üçin «Aksa» metjidiniñ kordon astyna alynmagynyñ gerekdigini yglan ederler. Gaza sektoryndaky gozgalañyñ, «El-Aksa tupanynyñ» başlamagyna sebäp bolanam şudur. Ysraýyl ýaragly palestinaly milisiýa otrýadlaryna garşy urşup we özüni gorap, metjide raketa atar. Metjit ýykylar. Üçünji ybadathanany gurmagyñ ýoly açylar. Emma… 50 milliony (resmi ýagdaýda) Ýewropada ýaşaýan bir milliard musulman indi Günbataryñ hut özünde gozgalañ turzar. Ýewropada graždanlyk urşy turar. Käbir ýewropalylar LGBT, Soros we Atlantikçi elitalaryñ ýanynda ýer alsa, käbirleri-de (Alain Soral mysalynda bolşy ýaly) musulmanlar bilen bileleşip anti-liberal rewolýusiýa goşular.




ABŞ Eýrana garşy taktiki ýadro ýaraglaryny ulanar. Russiýa näme bolsa şo bolsuna urup, Günbataryñ eteginden aslyşyp ýaşamaga dyrjaşýan we munuñ üçij Moskwany mümkin bolan her dürli görnüşde degnasyna degen Ukraina garşy taktiki ýadro hüjümine başlar.
Ýadro ýaraglarynyñ ulanylmagy üçünji jahan urşunyñ turmagyna getirer. Russiýa ahyrsoñunda belli karara geler we musulmanlaryñ tarapynda urşa gier.
Hytaý Taýwana çozup, ABŞ-nyñ we NATO-nyñ ünsüni başga ugra sowar. Hindistan ABŞ-nyñ bil baglaýan aç-açan goldawyny bermekden gaça durar.

Feministler, gomoseksual aktiwistler we daşky gurşawy goraýjylar bu zatlary soňlandyrmagy talap ederler, emma olary hiç kimem diňlemez.
Günbatar mundan beýläk özüniňem düşündirip bilmeýän nämålim maksady üçin hemmelere garşy uruşmaga mejbur bolar – adam hukuklary, raýat jemgyýeti, beýleki jadylar hakdaky ähli köne taglymlar alkymlap gelen ölümiň hakykatlygynyň içinde ýitip-ýok bolup gider. Ilon Mask nämeleriň bolup geçýändigine düşünmekden doly el çekendigini boýun alar…
Ysraýyl çar tarapdan gelen hüjümler astynda Üçünji ybadathananyň gurluşygyna başlar. Emele gelen ýagdaýy diňe Moşiýah gelip düzedip biler.




Aleksandr DUGIN.
18.10.2023 ý. Publisistika